**Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem etrabyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Boldumsaz etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2024-nji ýylyň 10-njy okýabrynda Boldumsaz şäheriniň P.Ýegendurdyýew köçesiniň 18-nji jaýynda ýerleşýän Boldumsaz etrabynyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň edara binasynda 09:00-dan 13:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:
Boldumsaz şäheriniň P.Ýegendurdyýew köçesiniň 18-nji jaýy.

Habarlaşmak üçin:
(800346) 4-01-00